# Yslam akydasy.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Musulman kişä zenan bolsun erkek bolsun, uly bolsun kiçi bolsun dinimiziñ ilkinji parz edýän zady iman etmekdir we imana, akyda, töwhide degişli ygtykat esaslaryny öwrenmekdir. Bir kişä din öwredilip başlananda-da ilkinji öwredilmeli zat akydadyr.

Haçan-da Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) sahaba Muaz bin Jebeli (radiallahu anh) Ýemene Yslama dagwat etmek üçin ugradan-da, Oña şeýle tabşyryk berýär: **"Sen ähli kitapdan[1] bolan halkyñ ýanyna gidýärsiñ! Olara ilkinji dagwat etjek (öwretjek) zadyñ Lä ilähe illallah şaýatlygy bolsun. Başga rowaýatda: Allahy birlemek bolsun. Başga rowaýatda: Ýeke-täk Allaha ybadat etmek bolsun, diýýär."** (Sahyh Buhari we Sahyh Muslim)

Her musulman ilki bilen akydasyny öwrenmäge uly ähmiýet bermelidir. Musulmanlaryñ iki dünýä bagty, agzybirligi diñe Kuran we Sünnet saýasynda gelen Ähli-sünnediñ akydasyny öwrenmek we öwretmek bilen mümkindir.

Bu we inşAllah mundan soñraky akyda baradaky makalamyz sorag-jogap görnüşinde bolup, okyjynyñ göwüni jaý bolar ýaly, Kuran we Sünnetden delili bilen ýazylandyr. InşAllah doganlarymyza peýdaly bolar diýip, umyt edýäris.

**Yslamyñ rükünleri.**

Sorag: Jebrayl (aleýhis salam) perişde Pygamberimizden:

**Eý Muhammet** (sallallahu aleýhi we sellem) **Yslam näme?**-diýip, sorady.

Jogap: Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle jogap berdi: **Yslam:**

**1-Bir Allahdan başga hak ilähiñ ýoklugyna we Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) Onuñ ilçisidigine şaýatlyk etmek.**

**2-Namaz kylmak.**

**3-Zekat bermek.**

**4-Ramazan aýynda agyz beklemek.**

**5-Ýagdaýyñ bolsa, haja gitmek.** (Sahyh Muslim)

**Imanyñ rükünleri.**

Sorag: Jebrayl (aleýhis salam) Pygamberimizden: **Iman näme?**-diýip, sorady.

Jogap: Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle jogap berdi:

Iman alty zatdan ybaratdyr:

**1-Allaha ynanmak.** (Allahyñ barlygyna we birligine, ýeke-täk ýaradyjydygyna, ybadaty diñe Oña edilýänligine, diñe özüne mynasyp At we sypatlaryna iman etmek)

**2-Perişdelerine ynanmak.** (Perişdeler diñe Allaha gulluk etmek üçin nurdan ýaradylan barlyklardyr)

**3-Kitaplaryna ynanmak.**

**4-Pygamberlerine ynanmak.**

**5-Ahyýet gününe ynanmak.**

**6-Haýr-Şeriñ Allahdan gelýändigine, ýazgyda ynanmak.** (Sahyh Muslim)

**Bendeleriñ boýnundaky Allah Tagalanyñ haky.**

Sorag: Allah Tagala bizi näme üçin ýaratdy?

Jogap: Allah Tagala bizi ýeke-täk özüne hiç bir zady şärik goşman ybadat etmegimiz üçin ýaratdy.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **“Men jynlary we ynsanlary diňe maňa ybadat etsinler diýip ýaratdym.”** (Zariat 51/56)

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **“Bendeleriň boýnundaky Allah Tagalanyň haky- olaryň Allah Tagalaga hiç bir zady şärik goşman ybadat etmegidir.”** diýdi. (Sahyh Buhari we Sahyh Muslim)

Sorag: Ybadat näme?

Jogap: Allah Tagalanyň söýüp, razy bolýan doga-dileg, namaz ýaly açyk we gizlin söz we amallaryň ählisi ybadatdyr.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **“Aýt Eý Muhammet: Meniň namazym we gurbanlygym, ölümim we diriligim älemleriň Robbi bolan, Allah Tagala üçindir.”** (Enam 6/162)

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) kutsi[2] hadysda şeýle diýýär: **“Bendäm maňa, meniň üçin parzlardan söýgüli bolan başga zat bilen ýakynlaşmady.”** (Sahyh Buhari)

Sorag: Allah Tagalaga nähili ybadat etmeli?

Jogap: Allah Tagala, Allahyň we Onuň Pygamberiniň buýruşy ýaly ybadat etmeli.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **“Eý iman edenler! Allaha we Onuň Pygamberine boýun boluň we amallaryňyzy boşa çykarmaň.”** (Muhammed 47/33)

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **“Kim biziň buýurmadyk amalymyzy etse, ol ret ediler** (kabul edilmez)**.”** (Sahyh Muslim)

Sorag: Allah Tagalaga Ondan gorkup we tamakin bolup ybadat etmelimi?

Jogap: Hawa. Oňa şeýle ybadat etmeli.

(Ýagny, Allah Tagalanyň azabyndan gorkup we rahmetinden umudygär, tamakin bolup ybadat etmeli)

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **“(Allah Tagalaga) gorky we umyt, tamakinlik bilen doga-dileg ediň.”** (Agraf 7/56)

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **“Allah Tagaladan jenneti dileýärin we dowzah odundan Oňa sygynýaryn”** diýip, dileg eden. (Ebu Dawud, Sahyh Senet bilen rowaýat eden)

Sorag: Ybadatda yhsan näme?

Jogap: Allaha ybadat edeniňde, göýä Allahy görýän ýaly ybadat etmege, ybadatda yhsan diýilýär.

Delili Allah Tagala Kuran-Kerimde şeýle diýýär: **“Bir özüň ýa-da jemagat bilen namaza duran wagtyňda, Allah Tagala seni görýändir.”** (Şuara 26/218-219)

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem): **“Yhsan-Allah Tagalany görüp duran ýaly bolup, Oňa ybadat etmekdir. Sen ony görmeseň-de, Ol seni görýändir.”** (Sahyh Muslim)

Muellif: Şeýh Muhammed Jamil Zinu.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

1-Ähli-Kitap: Hristian we Ýehudylar.

2-Kutsi hadys: Manysy Allah Tagaladan, sözi Pygamberimizden.